# «Каспий» gazeti türkmenler hakynda

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 25 января, 2025
"Каспий" gazeti türkmenler hakynda «КАСПИЙ» GAZETI TÜRKMENLER HAKYNDA




Geçen asyryň ahyrynda, şu asyryň başynda Bakuwda rus dilinde çykan «Каспий» gazetiniň okyjylary bu neşiriň 1888-nji ýylyň ýanwaryndaky sanlarynyň gatyny açyp, derrew onda bir täzeligiň bardygyny bellediler. «Seýithan» atly ýazgysyny çap etmek bilen, P.Ýežowskiý türkmen durmuşynyň ahlagyndan gürrüň berýän oçerkler tapgyryny çykaryp başlapdyr.
Munuňam öz sebäpleri bardy. Türkmenistanyň Russiýa birikmegi bilen, jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň çet ülkäniň durmuşyna bolan gyzyklanmasy artypdy. Şeýle gyzyklanmany kanagatlandyrmak maksady bilen, Peterburgda we Moskwada çykýan gazetlerdir žurnallar Kaspiniň aňyrsyndaky ýurt hakynda, onuň ýaşaýjylary, ykdysadyýeti, medeniýeti, milli däp-dessurlary hakynda ep-esli materiallary çap edipdir. bularyň köpüsi bize alymlaryň hem-de ülkäni öwrenijileriň agtaryşlary arkaly bellidir, ýöne olaryň nazaryna hemmeden ozal paýtagt neşirlerindäki materiallaryň ilendigini bellemek gerek. Welaýat neşirleriniň tükeniksiz gatlary hakynda aýdylandäa bolsa, şindi olaryň ferňewe mätäçdigi görnüp dur.
Ýogsa-da, P.Ýežowskiniň Bakuwyň «Каспий» gazetinde çap edilen oçerkler tapgyrynyň gözrkezişi ýaly, welaýat neşirleriniň her biri güýjüniň ýetdiginden we edebi mümkinçiliklerine garap, Türkmenistan we türkmenler hakynda öz okyjylaryna gürrüň bermäge çalşypdyr. Eger şu materialy hasaba almasaň, XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň başynda rus edebiýatynda türkmen

temasynyň şöhlelenişiniň göwrümi doly bolup görünmese gerek.
Ýokarda agzalan tapgyryň awtory hakynda biz iňňän az bilýäris. Oçerkleriniň mazmunyna salgylananyňda, onuň wakalary geçen asyryň segseninji ýyllarynyň ortalaryndaky Türkmenistan hakynda gürrüň berýär. Ol belet adamlaryň söhbeti ýa-da edebiýat arkaly gürrüň berenok. Görnüşi ýaly, ol Kaspiniň aňyrsyndaky ýurtda bolupdyr. Zakaspiý demir ýolunyň ugry boýunça syýahat edipdir. Onuň nowellany ýada salýan oçerklerindäki hereket Gyzylarbatdan başlap, tä Çärjewe çenli bolan aralykdaky punktlarda yzygiderli ösýär.
Etnografik detallaryň barlygy, Orta Aziýanyň, Garagumuň dürli görnüşleriniň beýan edilýänligi üçin-de bu nowellalar gyzyklydyr, çap edilenine tas bir asyr geçenine garamazdan, olar häzirem gyzykly okalýar. Geliň, P.Ýežowskiniň «Gajy ependi» atlandyrylan oçerkiniň gahrymanlary bilen ýakyndan tanşyp göreliň. Mundaky wakalar Artyk stansiýasynda we onuň töwereklerinde bolup geçýär. Barjamly türkmen bolan Gajy ependi bu etraplardaky özgerişlikler üçin howsala düşýär. Bu ýere haýsydyr bir del adamlar gelip, nähilidir birhili turbajyklary getirýärler, oňa seredip-seredibem, belent aýakly stoluň üstünde bellikler edýärler. Soňam ähli geçen ýollaryny topraga kakylan gazyjaklar bilen belgileýärler.
Bu nowellanyň wakalarynyň haçan bolup geçendigini çak etmek kyn däl – gürrüň Zakaspiý demir ýolunyň gurulýan döwri hakynda barýar. Gajy ependi şindi täze-täze täsirlere gümra bolup ýörkä, bu töwereklerde ýol salynýar. Bir gezek bu tüçjar baý parowoz bilenem duşuşýar. Parowozy bu ýere getirilen böleklerden gurnaýarlar. Bu obanyň ýaşaýjylaryndan entek hiç kim demirden ýasalan beýle mähnet zady görmändir. Soňra adamlar oňa suw guýýarlar, içinde ot ýakýarlar. Mähnet zat haşşyldap başlaýar, onuň turbalaryndan göterilýän tüsse tas bütin sährany gaplap alýar. Gajy ependi öz tamynda oturan ýerinden bu zatlaryň baryny synlap:
– Mundan hiç zat çykmaz, hemmesem jähenneme gapgarylar! – diýip, nygtaýar.
Gajy ependi gahar-gazapdan ýaňa näçe ýarylara gelse-de, sada artyklylar ýürekden höwes edip, bu bolýan zatlara gyzyklanyp seredýärler. Oba uzakly gijäni ýatman geçirýär, artyklylar demir ýoluň gyrasyndaky gum üýşmekleriniň üstünde çommalyp oturyşlaryna, parowozy näme etjekdiklerini bilmäge garaşýarlar. Daňdanyň öň ýanynda bu mähnet zat güňleç

gygyrýar-da, hiç bir daşky goldawsyz öňe hereket edip ugraýar. Tizden artyklylar parowozyň yzyna «nähilidir tigirli arabalaryň» tirkelenini görýär. Bu «arabalaryň» üstüne ýüklenen zatlary synlanyňda, obanyň ähli düýeleriniňem şeýle agyrlykdaky ýüki çekip bilmejekdigi düşnüklidi.
Bir gezek parowozdyr wagonlar Artyga süýşüp gelende görülmedik waka ýüze çykýar. Wagonlardan biri-biriniň yzyndan türkmenler böküp düşýärler. Artyklylar öz gözlerine ynanmaýarlar. Gajy ependiniň öňünden görüp aýdyşy ýaly bolmaýar, ýagny bu mähnet zat jähenneme-de gapgarylmaýar, oňa münen adamlara-da hiç bir zeper ýetmeýär. Bütin oba bada-bat aňyrdan gelen türkmenleriň daşyny gallaýar. Seredip otursalar, olar Merwden iki uçastok daşlykdaky Garybatadan ekenler. Basym Artygyň üstünden ýolagçy hereketi ýola goýulýar, her otludanaşonça mukdardaky adam düşýär. Indi Gajy ependi ýaly baýlaryň onusy bolsa-da, adamlary hudaýa ynanmazlykda aýplap ýetişjek däldi.
Umuman P.Ýežowskiniň hemme oçerklerinde diýen ýaly Kaspiniň aňyrsyndaky ýurt barada, onuň ýaşaýjylary, maldarçylygy, ekereançylygy, hünärmentligi, mahlasy, iş edýän adam üçin gündelik zerur bolan zatlaryň hemmesi barada ýazylýar.
P.Ýežowskiniň oçerkleriniň biri «Nurek arabaçyda» Garagumuň yzçalyjysy barada gürrüň berilýär. Nurek arabaçy Merwden on bäş wýorstluk daşlykda, guma duwlanyp oturan Sarygul obasynda ýaşaýar eken. Ol tejribeli ýolbelediň at-owazasyna mynasyp bolýar. Buhara, Hywa, Eýrana – nirä gidýändigine garamazdan, Marydan çykan her bir kerwen Nurek arabaçynyň kerwene ýol salgy bererini isläpdir. Nowellanyň ahyry garaşylmadyk waka bilen tamamlanýar. Arabaçy Garagumda suwsuzlykdan ýa ýylan çakmasyndan däl-de, bir jadygöý kempiriň yrymyna aldanyp heläk bolýar.
Awtor öz eserlerine milli öwüşgin bermäge çalşypdyr. Şu maksat bilen ol türkmen sözlerini, hatda tutuş sözlemleri giňden ulanýar, ol türkmenleriň gündelik durmuşyny gowy bilýär. Muňa iki adamyň biri-biri bilen duşuşandaky salamlaşyş nysagy we beýleki köp zatlar mysal bolup biler. Zakaspä syýahat P.Ýežowskä köp gyzykly sýužetleri salgy berenem bolsa, onuň gadymy türkmen topragyna syýahatynyň az wagtlyk bolmagy käbir ýerlerde türkmen milli häsiýetini bilmekde, hereket edýän adamlaryň özüni alyp bäryş äheňlerini açmakda bärden gaýdandygy duýdurýar. Ýogsa-da, şol wagtlar rus edebiýatynyň türkmen temasyny özleşdirmegi ýaňy başlanýardy ahyryn…

Walentin STERLIGOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 19.11.1982 ý. Taryhy makalalar